# Girdejiler we emläk üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda
# Türkmenistan
# bilen
# Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda
# YLALAŞYK

Türkmenistan we Germaniýa Federatiw Respublikasy,

Girdejiler we emläk üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda Ylalaşyk baglaşmak we Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek isläp,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-nji madda
## Özleri barada Ylalaşyk ulanylýan taraplar

Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de dahyllylary bolup durýan taraplar babatda ulanylýar.

## 2-nji madda
## Ylalaşygyň täsir edýän salgytlary

(1) Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletiň, onuň ýerleriniň biriniň ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň biriniň adyndan alynýan girdejiler we emläk üçin salgytlary almagyň usulyna we tärine garamazdan, şol salgytlar babatda ulanylýar.

(2) Girdejileriň umumy möçberinden, emlägiň umumy möçberinden ýa-da girdejileriň ýa-da emlägiň böleklerinden alynýan islendik salgytlar, şol sanda gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan gelýän peýdadan alynýan salgytlar, kärhanalar tarapyndan tölenilýän iş hakynyň ýa-da hak-heşdegiň umumy jeminden alynýan salgytlar, şeýle hem maýanyň artmagyndan gelýän girdejilerden alynýan salgytlar girdejiler we emläk üçin islendik salgytlar hasaplanylýar.

(3) Häzirki döwürde hereket edýän, özleri babatda şu Ylalaşyk täsir edýän salgytlar, hususan-da, şular bolup durýar:

a) Türkmenistanda:
edara görnüşli taraplaryň peýdasy (girdejisi) üçin salgyt,
şahsy taraplaryň girdejileri üçin salgyt we
emläk üçin salgyt,
(mundan beýläk «Türkmenistanyň salgytlary» diýlip atlandyrylýar);

b) Germaniýa Federatiw Respublikasynda:
girdeji salgydy,
korporasiýalardan alynýan salgyt,
senetçilik salgydy,
şol sanda olara salgyt goşmaçalary
(mundan beýläk «Germaniýanyň salgytlary» diýlip atlandyrylýar).

(4) Şu Ylalaşyk şeýle hem, oňa gol çekilenden soň bar bolan salgytlara goşmaça ýa-da olaryň ýerine alynjak birmeňzeş ýa barabar salgytlar babatda ulanylýar. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary öz salgyt kanunlaryna girizilen islendik düýpli üýtgetmeler barada bir-birine habar bererler.

## 3-nji madda
## Umumy kesgitlemeler

(1) Eger ýazgydan başga many çykmaýan bolsa, Ylalaşygyň maksatlary üçin:

a) «Türkmenistan» adalgasy – halkara hukugyna laýyklykda, Türkmenistanyň özygtyýarly we ýurisdiksiýa hukuklaryny amala aşyrýan Türkmenistanyň çäklerini aňladýar;

b) «Germaniýa Federatiw Respublikasy» adalgasy – Germaniýa Federatiw Respublikasynyň çäklerini, şeýle hem halkara hukugyna we milli kanunçylygyna laýyklykda, janly hem jansyz tebigy serişdeleri gözlemek, işläp geçmek, gorap saklamak, şeýle hem olary dolandyrmak maksady bilen, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň özygtyýarly we ýurisdiksiýa hukuklaryny amala aşyrýan, territorial deňzine ýanaşyk deňiz düýbüniň, onuň baýlyklarynyň, şeýle hem olaryň ýokarsynda ýerleşýän suw gatlagynyň sebitini aňladýar;

c) «Ylalaşýan Döwlet» we «beýleki Ylalaşýan Döwlet» adalgalary ýazga baglylykda Türkmenistany ýa-da Germaniýa Federatiw Respublikasyny aňladýar;

d) «tarap» adalgasy şahsy tarapy, kompaniýany ýa-da taraplaryň islendik beýleki birleşigini aňladýar;

e) «kompaniýa» adalgasy edara görnüşli tarapy ýa-da salgyt salmak maksatlary üçin edara görnüşli tarap hökmünde garalýan hukuk tarapyny aňladýar;

f) «Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy» we «beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy» adalgalary degişlilikde Ylalaşýan Döwletiň

dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany aňladýar;

g) «halkara gatnaşyklary» adalgasy hakyky ýolbaşçylyk edýän edarasynyň ýeri Ylalaşýan Döwletde bolan kärhana tarapyndan ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisiniň amala aşyrýan islendik gatnatmasyny aňladýar, şeýle deňiz ýa-da howa gämisiniň diňe beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän ýerleriň arasynda gatnatma üçin ulanylýan halatlary muňa girmeýär;

h) «milli tarap» adalgasy:

a a) Türkmenistan babatda – Türkmenistanyň raýatlygyna eýe bolan islendik şahsy tarapy, şeýle hem Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda döredilen islendik edara görnüşli tarapy, şereketi we taraplaryň beýleki birleşigini;

b b) Germaniýa Federatiw Respublikasy babatda – Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Esasy kanunyna laýyklykda islendik nemes adamy, şeýle hem Germaniýa Federatiw Respublikasynda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda döredilen islendik edara görnüşli tarapy, şereketi we taraplaryň beýleki birleşigini aňladýar;

i) «ygtyýarly edara» adalgasy:

a a) Türkmenistan barada ulanylanda – Türkmenistanyň Maliýe ministrligini we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyny ýa-da olaryň ygtyýarly edilen wekilini;

b b) Germaniýa Federatiw Respublikasy barada ulanylanda – Federal Maliýe ministrligini ýa-da onuň öz ygtyýarlygyny beren edarasyny aňladýar.

(2) Eger ýazgydan başga many çykmaýan bolsa, Ylalaşýan Döwlet tarapyndan şu Ylalaşyk ulanylan mahaly, Ylalaşykda kegitlemesi berilmedik islendik adalga, şu Ylalaşygyň hereket edýän döwründe şol Döwletiň salgytlar babatdaky kanunçylygynda oňa berilýän mana eýe bolar we şu Döwletde ulanylýan salgyt kanunçylygyna laýyklykda onuň islendik manysyna şu Döwletiň beýleki hukuk ulgamy tarapyndan bu adalga berilýän manysyndan ýokary many berilýär.

## 4-nji madda
## Dahyllysy

(1) Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy» adalgasy şol Döwletiň kanunçylygy boýunça özüniň ýaşaýan ýeri, hemişelik bolýan ýeri, ýolbaşçy edarasynyň ýerleşýän ýeri ýa-da

başga bir barabar görkeziji esasynda salgyt salynmaga degişli tarapy aňladýar, şeýle hem, şol sanda şol Döwleti, onuň ýerlerini we onuň edara ediş-çäk birliklerini öz içine alýar. Emma görkezilen adalga şol Döwletdäki çeşmelerden alnan girdejiler babatda ýa-da şol Döwletde ýerleşýän emläk babatda şol Döwletde salgyt salynmaga degişli tarapy öz içine almaýar.

(2) Eger şahsy tarap şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan bolsa, şu aşakdaky düzgünler hereket edýär:

a) ol hemişelik ýaşaýyş jaýy bolan Döwletiniň dahyllysy hasaplanylýar; eger onuň Döwletleriň ikisinde-de hemişelik ýaşaýyş jaýy bar bolsa, onda ol haýsy Döwletde has ysnyşykly şahsy we ykdysady aragatnaşyklary (durmuş bähbitleriniň merkezi) bar bolsa, diňe şol Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

b) eger-de onuň durmuş bähbitleriniň merkezi bar bolan Döwletini kesgitläp bolmasa ýa-da onuň Döwletleriň hiç birinde hemişelik ýaşaýyş jaýy bolmasa, ol diňe adatça ýaşaýan ýeri bolan Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

c) eger-de ol adatça Döwletleriň ikisinde-de ýaşaýan bolsa ýa-da adatça olaryň hiç birinde hem ýaşamaýan bolsa, ol diňe haýsy döwletiň raýaty bolup durýan bolsa, şol döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

d) eger ol Döwletleriň ikisiniň-de raýaty bolup durýan bolsa ýa-da olaryň hiç biriniň raýaty bolmasa, onda Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşmak boýunça çözýär.

(3) Eger-de şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda, şahsy tarap bolmadyk tarap Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň hem dahyllysy bolup durýan bolsa, onda ol özüniň hakyky ýolbaşçylyk edýän edarasy ýerleşýän şol Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar.

## 5-nji madda
## Hemişelik wekilçilik

(1) Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «hemişelik wekilçilik» adalgasy kärhananyň telekeçilik işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik ýerini aňladýar.

(2) «Hemişelik wekilçilik» adalgasy, hususan-da, şulary öz içine alýar:

a) dolandyryş ýerini;

b) bölümi;

c) edarany;

d) fabrigi;

e) ussahanany;

f) şahtany, nebit ýa-da gaz guýusyny, karýeri ýa-da tebigy serişdeler işlenip geçilýän başga bir islendik ýeri.

g) önümi ýerlemek üçin ulanylýan jaýy.

(3) «Hemişelik wekilçilik» adalgasy, şeýle hem:

a) gurluşyk meýdançasyny ýa-da gurluşyk, ýa-da ýygnama ýa-da gurnama desgasyny, ýa-da agzalan desgalar bilen bagly gözegçilik işini, eger şeýle meýdança ýa-da desga, ýa-da gözegçilik işi 12 aýdan köp bolan ýagdaýynda;

b) tebigy serişdeleri gözlemek üçin ulanylýan enjamy ýa-da desgany, ýa-da şu işleriň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen bagly hyzmatlary, ýa-da tebigy serişdeleri gözlemek üçin ulanylýan buraw enjamyny ýa-da gämini, eger şeýle ulanyş ýa-da şeýle hyzmatlar 12 aýdan hem köp wagt dowam edýän bolsa, öz içine alýar.

(4) Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, şular «hemişelik wekilçilik» hasap edilmeýär:

a) diňe şu kärhana degişli harytlary ýa-da önümleri saklamak ýa-da görkezmek maksatlary üçin ulanylýan desgalar;

b) diňe saklamak ýa-da görkezmek maksatlary üçin saklanýan şu kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlary;

c) diňe başga bir kärhana tarapyndan işläp taýýarlamak ýa-da gaýtadan işlemek maksatlary üçin saklanýan şu kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlary;

d) diňe harytlary ýa-da önümleri satyn almak maksatlary üçin ýa-da bu kärhana maglumatlary toplamak üçin saklanýan hemişelik iş ýeri;

e) diňe şu kärhana üçin taýýarlyk ýa-da kömekçi häsiýetli başga bir islendik işi amala aşyrmak maksady bilen saklanýan hemişelik iş ýeri;

f) diňe şu bölümiň işiň (a)-dan – (e) çenli kiçi bölümlerinde görkezilen görnüşleriniň islendik usulda utgaşdyrylmagy üçin saklanýan hemişlik iş ýeri, hemişelik iş ýeriniň şeýle utgaşdyrma netijesinde ýüze çykýan jemi işiň taýýarlyk ýa-da kömekçi häsiýetli bolan şertinde.

(5) 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünlerine garamazdan, eger özi barada 7-nji bölümiň düzgünleri ulanylýan garaşsyz derejeli

ýumuşçydan başga bir tarap kärhananyň adyndan hereket edýän we Ylalaşýan Döwletde şol kärhananyň adyndan şertnamalary baglaşmaga ygtyýarlygy bar bolsa we adatça şol ygtyýarlygy amala aşyrýan bolsa, onda şeýle kärhana şu Döwletde şol tarapyň kärhana üçin amala aşyrýan islendik işi babatda hemişelik wekilçiligi bar hökmünde garalýar, eger-de bu tarapyň işi 4-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda hemişelik telekeçilik iş ýeriniň üstünden amala aşyrylýan bolsa-da, onuň bu hemişelik iş ýerini hemişelik wekilçilige öwürmeýän we şu bölümde görkezilen iş bilen çäklenýän halatlary muňa girmeýär.

(6) Eger-de Ylalaşýan Döwletiň ätiýaçlandyryş kärhanasy şol beýleki Döwletiň çäginde ätiýaçlyk baýraklaryny ýygnaýan bolsa ýa-da şu maddanyň 7-nji bölümine laýyklykda garaşsyz hukuk ýagdaýly ýumuşçy bolmadyk tarapyň üsti bilen şol ýerde mümkin bolan tewekgelçilikden ätiýaçlandyrmagy amala aşyrýan bolsa, şol ätiýaçlandyryş kärhana beýleki Ylalaşýan Döwletde hemişelik wekilçiligi bar hökmünde garalar, gaýtadan ätiýaçlandyrmak ýagdaýlary muňa girmeýär.

(7) Eger-de kärhana telekeçilik işini diňe araçynyň, dellalyň ýa-da garaşsyz hukuk ýagdaýy bolan başga bir islendik ýumuşçynyň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, şol taraplar öz adaty işiniň çäklerinde hereket edýän we olaryň arasynda ylalaşylan ýa-da olaryň üstüne ýüklenen işewürlik we maliýe gatnaşyklarynyň şertleriniň garaşsyz taraplaryň arasynda adatça bar bolan gatnaşyklaryň şertlerinden tapawutlanmaýan ýagdaýynda kärhana Ylalaşýan Döwletde hemişelik wekilçiligi bar hökmünde garalmaz.

(8) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýa gözegçilik edýän ýa-da ol tarapyndan gözegçilik edilýän bolsa, ýa-da şol beýleki Döwletde telekeçilik işini (ýa hemişelik wekilçiligiň üsti bilen, ýa-da baş bir usulda) amala aşyrýan bolsa, bu ýagdaýyň özi şol kompaniýalaryň birini beýleki kompaniýanyň hemişelik wekilçiligine öwürmeýär.

## 6-njy madda
## Gozgalmaýan emläkden alynýan girdejiler

(1) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläkden alýan girdejilerine (şol sanda oba ýa-

da tokaý hojalygyndan alýan girdejisine) şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

(2) «Gozgalmaýan emläk» adalgasy garalýan emlägiň ýerleşýän ýeri bolan Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygy boýunça oňa berilýän mana eýe bolýar. Bu adalga islendik halatda gozgalmaýan emläk babatdaky kömekçi emlägi, oba we tokaý hojalygynda ulanylýan mallary we enjamlary, ýer eýeçiligi, gozgalmaýan emlägiň öndürýän önümi babatdaky kanunçylygyň düzgünleri özi barada ulanylýan hukuklary hem-de mineral serişdeleri, çeşmeleri we gazylyp alynýan beýleki tebigy baýlyklary işläp geçmek üçin öwezini dolma hökmünde tölenýän üýtgeýän we kesgitli tölegler üçin hukuklary hem-de mineral serişdeleri, çeşmeleri we gazylyp alynýan beýleki tebigy baýlyklary öz içine alýar; deňiz we howa gämilerine gozgalmaýan emläk hökmünde garalmaýar.

(3) Şu maddanyň 1-nji bölümiň düzgünleri gozgalmaýan emlägi göni peýdalanmakdan, ony hakynatutma ýa-da kärendä bermekden, şeýle hem gozgalmaýan emlägi islendik beýleki bir görnüşde peýdalanmakdan alynýan girdejiler babatda ulanylýar.

(4) Şu maddanyň 1-nji we 3-nji bölümleriniň düzgünleri kärhananyň gozgalmaýan emläginden girdejiler we garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin niýetlenen gozgalmaýan emläkden girdejiler babatda hem ulanylýar.

## 7-nji madda
## Telekeçilik işinden alynýan peýda

(1) Eger-de Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde ýerleşýän hemişelik wekilçiliginiň üsti bilen şol ýerde telekeçilik işi bilen meşgullanýan bolsa, onda onuň peýdasyna diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Eger-de kärhana telekeçilik işini ýokarda agzalan görnüşde amala aşyrýan bolsa, beýleki Döwletde onuň peýdasynyň diňe hemişelik wekilçilige degişli bölegine salgyt salnyp bilner.

(2) 3-nji bölümiň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, onda şol wekilçiligiň hut şonuň ýaly ýa-da barabar şertlerde ýa barabar

iş bilen meşgullanýan aýrybaşgalanan we aýratyn kärhana bolan hem-de özi hemişelik wekilçiligi bolan kärhanadan doly garaşsyz hereket edende alyp biljek peýdasy Ylalaşýan Döwletleriň her birinde şol hemişelik wekilçilige degişlidir.

(3) Hemişelik wekilçiligiň peýdasynyň möçberi kesgitlenende şeýle hemişelik wekilçiligiň hajatlary üçin çeken çykdajylarynyň, şol sanda dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylarynyň hemişelik wekilçiligiň ýerleşýän ýeri bolan Döwletde ýa-da başga bir ýerde ýüze çykandygyna garamazdan, şol çykdajylaryň kemeldilmegine rugsat berilýär.

(4) Eger Ylalaşýan Döwletde hemişelik wekilçilige degişli peýdany kärhananyň peýdasynyň umumy jemini onuň aýry-aýry birliklerine paýlamak usuly bilen hasaplamak kabul edilen bolsa, şu maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünleri şol Ylalaşýan Döwletiň salgyt salynýan peýdany kabul edilen usula laýyklykda hasap etmegini aradan aýyrmaýar; saýlanyp alnan paýlamak usuly şu maddada bar bolan ýörelgelere laýyk gelýän netijeleri bermelidir.

(5) Hiç bir peýda diňe şol hemişelik wekilçiligiň kärhana üçin harytlary ýa önümleri satyn almagy esasynda şu hemişelik wekilçilige degişli edilip bilinmez.

(6) Şu maddanyň ýokardaky bölümleriniň düzgünleri ulanylanda, hemişelik wekilçilige degişli peýda her ýyl şol bir usul arkaly kesgitlenýär, ony üýtgetmek üçin esasly we ýeterlik sebäp bolan halatlar muňa girmeýär.

(7) Şu maddanyň düzgünleri şerekete gatnaşmakdan girdejiler babatda hem ulanylýar. Eger-de görkezilen hak-heşdekler hemişelik wekilçilik ýerleşýän şol Ylalaşýan Döwletiň salgyt kanunçylygyna laýyklykda gatnaşyjynyň şol hemişelik wekilçilikden alýan girdejilerine degişli bolsa, şu maddanyň düzgünleri şerekete gatnaşyjynyň şol şereketden şereketiň bähbidine eden işi üçin, karzlary (zaýomlary) berendigi ýa-da hojalyk gymmatlyklaryny geçirendigi üçin alýan hak-heşdekler babatda hem ulanylýar.

(8) Eger peýda şu Ylalaşygyň beýleki maddalarynda göz öňünde tutulan girdejileri öz içine alýan bolsa, onda şol beýleki maddalaryň düzgünlerine şu maddanyň düzgünleri öz täsirini ýetirmeýär.

**8-nji madda**
**Deňiz we howa ulaglary**

(1) Deňiz ýa-da howa gämilerini halkara gatnatmalarynda ulanmakdan alynýan peýda diňe kärhananyň hakykatda dolandyryş edarasy ýerleşýän şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salynýar.

(2) Şu maddanyň maksatlary üçin, «deňiz ýa-da howa gämilerini halkara gatnatmalarynda ulanmakdan alynýan peýda» adalgasy:

a) ýüksüz deňiz ýa-da howa gämilerini käbir wagtlarda kireýine bermekden; we

b) konteýnerleri ulanmakdan ýa-da kireýne bermekden (treýlerleri we olara degişli konteýnerleri daşamak üçin ulanylýan ulaglary goşmak bilen) alynýan peýdanyň jemini öz içine alýar;

eger işiň şeýle görnüşleri deňiz ýa-da howa gämileriniň halkara gatnatmalarynda ulanylmagyna degişli bolsa.

(3) Eger deňiz ulag kärhanasynyň hakykatda ýolbaşçylyk edýän edarasynyň ýeri deňiz gämisiniň bortunda ýerleşýän bolsa, onda ol deňiz gämisiniň ýazga duran porty ýerleşýän şol Ylalaşýan Döwletde ýa-da şeýle ýazga durlan port bolmadyk halatda bolsa, – dahyllysy deňiz gämisini ulanýan tarap bolup durýan Ylalaşýan Döwletde ýerleşýär diýlip hasap edilýär.

(4) Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri pul-a, bilelikdäki işe ýa-da halkara ulag agentligine gatnaşmakdan alynýan peýda babatda hem ulanylýar.

**9-njy madda**
**Şärikli kärhanalar**

(1) Eger-de:

a) Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşýan bolsa; ýa-da

b) şol bir taraplar Ylalaşýan Döwletiň kärhanasyny we beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşýan bolsa,

we görkezilen ýagdaýlarda iki kärhana hem öz täjirçilik we maliýe gatnaşyklarynda garaşsyz kärhanalaryň arasynda bolmalysyndan tapawutlanýan, ylalaşylan ýa-da olaryň üstüne ýüklenen şertleri berjaý etmäge borçly bolsalar, onda olaryň biriniň adyna geçirilip bilinjek, ýöne şol şertleriň tapawutlylygy sebäpli geçirilmedik peýda şol kärhananyň peýdasynyň hasabyna goşulyp we degişlilikde oňa salgyt salnyp bilner.

(2) Ylalaşýan Döwlet beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasyna şol beýleki Döwletde salgyt salnan peýdasyny birinji Döwletiň kärhanasynyň peýdasyna goşanda we degişlilikde salgyt salanda we şeýlelikde goşulan peýda iki kärhananyň arasyndaky gatnaşyklar iki garaşsyz kärhananyň arasyndaky ýaly bolan şertde birinji agzalan Döwletiň kärhanasynyň adyna hasaplanylan peýda bolup durýan halatda şol beýleki Döwlet şol peýda üçin özünde hasaplanylan salgyt babatda degişli düzedişi geçirýär. Şeýle düzedişiň geçirilen mahaly, şu Ylalaşygyň beýleki düzgünleri berjaý edilmelidir; zerurlyk bolan ýagdaýynda Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara geňeşmeleri geçirýärler.

## 10-njy madda
## Diwidendler

(1) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna töleýän diwidendlerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) Ýöne şeýle diwidendlere olary töleýän kompaniýa öz dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletinde we onuň kanunçylygyna laýyklykda salgytlar salnyp bilner; emma diwidendleriň hukuk eýesi beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, şeýle usulda alynýan salgyt:

a) eger-de diwidendleri töleýän kompaniýanyň maýasynyň azyndan 25 göterimine göni eýelik edýän kompaniýa (ýöne şereket bolmadyk) hukuk eýesi bolup durýan bolsa, diwidendleriň jemi möçberiniň 5 göteriminden;

b) ähli beýleki ýagdaýlarda bolsa, diwidendleriň jemi möçberiniň 15 göteriminden köp bolmaly däldir.

Bu bölümiň düzgünleri kompaniýa ujundan diwidendler tölenilýän peýda babatda salgyt salynmagyna täsir etmeýär.

(3) Şu maddada ulanylýan «diwidendler» adalgasy girdejini paýlaýan kompaniýa öz dahyllysy bolan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda, salgyt salynmak babatda paýnamalar boýunça girdejiler ýaly düzgünleşdirilmäge degişli paýnamalar boýunça, peýda gatnaşmaga hukuklar ýa-da güwänamalar boýunça, dag-magdan senagatynyň paýnamalary boýunça, esaslandyryjylaryň peýnamalary boýunça ýa-da beýleki girdejileri, şeýle hem paýa girip döredilen maýa goýum gaznasynyň güwänamalary boýunça paýlanýan peýdanyň jemlerini aňladýar.

(4) Eger diwidendler boýunça hukuk eýesi, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, diwidendleri töleýän kompaniýa öz dahyllysy bolan beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde ýerleşýän hemişelik binýatdan garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa we diwidendleri tölemek baradaky paý gatnaşygy şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatdan hem bagly bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ualnylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň ýa-da 14-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

(5) Eger Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa beýleki Ylalaşýan Döwletden peýdany ýa-da girdejileri alýan bolsa, onda şol beýleki Döwlet şol kompaniýanyň töleýän diwidendlerine salgyt salyp biler, şol diwidendler şol beýleki Döwletiň dahyllysyna tölenilýän ýa-da diwidendleri tölemek üçin esas bolýan eýeçilik hakykatdan-da şol beýleki Döwletde ýerleşýän hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada degişli bolsa we kompaniýanyň paýlanylmadyk peýdasyna salgyt salnyp bilinmeýän bolsa, hatda diwidendleri tölemek üçin serişdeler ýa-da paýlanylmadyk peýda şol beýleki Döwletde emele gelýän peýdadan ýa-da girdejide dolulygyna ýa-da bölekleýin ybarat bolsa, bu kada ulanylmaýar.

## 11-nji madda
## Göterimler

(1) Ylalaşýan Döwletde emele gelýän we beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna tölenýän göterimlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) Ýöne görkezilen göterimlere olaryň emele gelýän Ylalaşýan Döwletinde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner; ýöne eger-de şu göterimler boýunça hukuk eýesi beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, şeýle usulda alynýan salgyt göterimleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däldir.

(3) Şu maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, aşakdaky düzgünler hereket edýär:

a) Germaniýa Federatiw Respublikasynda emele gelen we Türkmenistanyň Hökümetine, Türkmenistanyň Merkezi bankyna ýa-da Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna tölenilýän göterimleriň jemleri Germaniýanyň salgytlaryndan boşadylýar;

b) Türkmenistanda emele gelen we Germaniýa Federatiw Respublikasy tarapyndan eksport ýa-da göni daşary ýurt maýa goýumlary bilen baglylykda kepillendiren we karzlar (zaýomlar) boýunça tölenilýän, ýa-da Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Hökümetine, Nemes federal bankyna, Ykdysadyýeti dikeltmek boýunça karz instituty (KfW), Maýa goýumlar we ösüş boýunça German jemgyýetine (DEG – Deutsche Investitions- und Entwicklungsgesellschaft mbH) tölenilýän göterimleriň jemleri Türkmenistanyň salgytlaryndan boşadylýar.

(4) Şu maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, şu maddanyň 1-nji bölüminde düşündirilýän göterimlere diňe alyjynyň dahyllysy bolup durýan Ylalaşýan Döwletinde, eger-de göterimleriň jemlerini alyjy olar boýunça hukuk eýesi bolup durýan bolsa we göterimleriň tölenilmegi:

a) senagat, täjirçilik ýa-da ylmy enjamlary karzyna satmak bilen bagly bolsa; ýa-da

b) kärhana tarapyndan beýleki kärhana harytlary karzyna satmak bilen bagly bolsa salgyt salnyp bilner.

(5) Şu maddada ulanylýan «göterimler» adalgasy islendik görnüşdäki bergi talaplaryndan girdejileri, şol sanda, talaplaryň ýer böleklerine bolan girew hukugy bilen üpjün edilen ýagdaýlary, hususanda, döwletiň gymmatly kagyzlary, obligasiýalary boýunça girdejileri, şol sanda olar bilen bagly bolan baýraklary, şeýle hem utuşly zaýomlar boýunça utuşlary aňladýar. Wagty geçirilen tölegler üçin jerimelere şu maddanyň maksatlary üçin göterimler hökmünde garalmaýar.

(6) Eger göterimler boýunça hakyky eýesi Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, göterimler emele gelýän beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýatdan garaşsyz şahsy hyzmatlary amala aşyrýan bolsa hem-de göterimleriň tölenilmegine esas bolýan bergi talaby şeýle hemişelik wekilçilige ýa-da hemişelik binýada hakykatdan hem degişli bolsa, şu maddanyň 1–4-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda şu Ylalaşygyň 7-nji maddasynyň ýa-da 14-nji maddasynyň düzgünleri ulanylýar.

(7) Eger göterimleri töleýji şol Ylalaşýan Döwletiň özi, onuň ýerleriniň biri ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň biri ýa-da dahyllysy bolsa, göterimler Ylalaşýan Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanýar. Eger göterimleri töleýji tarapyň Ylalaşýan Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, Ylalaşýan Döwletde onuň göterimleriň tölenilmegine esas bolan hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady bar bolsa we şol göterimleri hem-de olary tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda şeýle göterimler hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat ýerleşýän Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanýar.

(8) Eger göterimleriň töleýjisiniň we olar boýunça hukuk eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsy-da bolsa başga bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli göterimleriň tölenilmegine esas bolan bergi talabyna degişli göterimleriň jemi göterimleriň töleýjisiniň we hukuk eýesiniň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşylyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň her biriniň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga degişlidir.

## 12-nji madda
## Roýalti

(1) Ylalaşýan Döwletde emele gelýän we beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna tölenilýän roýaltilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) Emma görkezilen roýaltilere olar emele gelen Ylalaşýan Döwletde şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda hem salgyt salnyp bilner, ýöne roýaltiler boýunça hukuk eýesi beýleki Döwletiň dahyllysy bilup durýan bolsa, şeýle halatda salgyt roýaltileriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däldir.

(3) Şu maddada ulanylýan «roýalti» adalgasy edebiýat, sungat ýa-da ylmy eserler, şol sanda kinematografiki filmler, patentler, söwda belgileri, nusgalar ýa-da modeller, çyzgylar, gizlin kesgitlemeler ýa-da tehnologiýalar ýa bolmasa senagat, täjirçilik ýa ylmy tejribä degişli maglumat üçin awtorlyk hukuklaryny peýdalanmak, ýa bolmasa olary peýdalanmaga hukuk bermek üçin hak-heşdek hökmünde alynýan islendik görnüşdäki tölegleri aňladýar. «Roýalti» adalgasy, şeýle hem atlary, portretleri ulanmak ýa-da olary ulanmaga bolan hukugy ýa-da şuňa meňzeş beýleki şahsy hukuklary bermek üçin tölenýän islendik görnüşli hak-heşdekleri, şeýle hem artistleriň we türgenleriň radio we telekompaniýalar tarapyndan amala aşyrylan ýazgylary üçin tölegleri öz içine alýar.

(4) Eger-de roýaltiler boýunça hukuk eýesi Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, roýaltiler emele gelýän beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýatdan garaşsyz şahsy hyzmatlary amala aşyrýan bolsa we roýaltileriň tölenilmegine esas bolan hukuk ýa emläk şol hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatdan hem bagly bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda şu Ylalaşygyň 7-nji maddasynyň ýa-da 14-nji maddasynyň düzgünleri ulanylýar.

(5) Roýaltileri töleýji Ylalaşýan Döwletiň özi, onuň ýerleriniň biri ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň biri, ýa-da şol Döwletiň dahyllysy bolanda, olar şol Döwletde emele gelen diýlip hasaplanýar. Eger-de roýaltileri töleýän tarapyň Ylalaşýan Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, onuň Ylalaşýan Döwletde roýaltiler tölenilýän berginiň emele gelmegi bilen bagly hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady bar bolsa we eger-de roýaltileri tölemek borçnamasy hemişelik wekilçiligiň ýa-da hemişelik binýadyň hajatlary üçin kabul edilen bolsa we şol roýaltileri tölemek üçin çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda

roýaltiler hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat ýerleşýän Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanýar.

(6) Eger-de töleýjiniň we hukuk eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsydyr bir üçünji tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli, roýaltileriň jemi möçberi şol roýaltileriň esasynda duran hyzmatlaryň möçberi babatda töleýjiniň we hukuk eýesiniň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi Ylalaşýan Döwletleriň her biriniň kanunçylygyna laýyklykda we şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, salgyt salynmaga degişlidir.

## 13-nji madda
## Emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan peýda

(1) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emlägi aýrybaşlamakdan alýan girdejilerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) Aktiwleri göni ýa-da gytaklaýyn Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläkden ybarat bolan kompaniýanyň paýlanamalarynyň we oňa gatnaşmagyň beýleki paýlarynyň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(3) Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň aktiwleriniň düzümine girýän ýa-da hemişelik binýada degişli bolan gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere, şol sanda şeýle hemişelik wekilçiligiň (aýratynlykda ýa-da tutuş kärhana bilen bilelikde) ýa-da şeýle hemişelik binýadyň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(4) Halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämileriniň, şeýle hem şeýle deňiz we howa gämileriniň ulanylmagy bilen baglanyşykly gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilerine diňe kärhananyň hakyky ýolbaşçylyk edýän edarasy ýerleşýän şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

(5) 1–4-nji bölümlerde görkezilenden başga islendik emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere diňe emlägi aýrybaşgalaýan tarapyň öz dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletinde salgyt salynýar.

## 14-nji madda
## Garaşsyz şahsy hyzmatlar

(1) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan şahsy tarapyň hünär hyzmatlaryny emläkden ýa-da garaşsyz häsiýetli başga bir işden alýan girdejilerine, eger-de şol dahyllynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde öz işini amala aşyrmak üçin yzygiderli elýeterli bolan hemişelik binýady bolmasa, diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Eger-de onuň şeýle hemişelik binýady bar bolsa, onda girdejilere, ýöne olaryň diňe şol hemişelik binýada degişli edilip bilinjek bölegi babatda, şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner. Eger-de Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan şahsy tarapyň beýleki Ylalaşýan Döwletde bolmagynyň möhleti degişli salgyt ýylynda başlanýan ýa-da tamamlanýan islendik on iki aýyň dowamynda jemi 183 günden uzak döwürlere barabar bolsa, şol tarapyň şol beýleki Döwletde yzygiderli elýeterli bolan hemişelik binýady bar hasap edilýär we şol beýleki Döwletde amala aşyrylýan işden alynýan girdejiler şol hemişelik binýada degişli edilip bilner. Şeýle ýagdaýda, hemişelik binýada degişli girdejilere şol beýleki Döwletde şu Ylalaşygyň 7-nji maddasynda telekeçilik peýdasynyň jemi möçberini hasaplamak we ony hemişelik wekilçilige degişli etmek üçin beýan edilen ýörelgelere barabar ýörelgelere laýyklykda salgyt salnyp bilner.

(2) «Hünär hyzmatlary» adalgasy, hususan-da, garaşsyz ylmy, edebi, terbiýeçilik ýa-da mugallymçylyk işini, sungatlar ugrunda garaşsyz amala aşyrylýan işi, şeýle hem lukmanlaryň, diş lukmanlarynyň, aklawçylaryň, inženerleriň, binagärleriň we hasapçylyk işi boýunça bilermenleriň garaşsyz işini öz içine alýar.

## 15-nji madda
## Hakynatutma boýunça iş

(1) Şu Ylalaşygyň 16–19-njy maddalarynyň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletiň biriniň dahyllysynyň hakynatutma iş bilen bagly alýan hak-heşdegine, iş hakyna we şunuň ýaly beýleki töleglere diňe şol Döwletde salgyt salynýar, hakynatutma işiň beýleki Ylalaşýan Döwletde amala aşyrylýan halatlary muňa girmeýär. Eger iş

şol Döwletde amala aşyrylýan bolsa, şunuň bilen bagly alnan tölege şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde hakynatutma boýunça amala aşyrylýan iş bilen bagly alýan hakyna diňe birinji agzalan Döwletde salgyt salynýar, şunda şu şertler berjaý edilmelidir:

a) alyjy degişli salgyt ýylynda başlanýan ýa-da tamamlanýan islendik on iki aýlyk döwürde jemi alnanda 183 günden geçmeýän döwrüň dowamynda beýleki Döwletde bolmalydyr, we

b) töleg şol beýleki Döwletiň dahyllysy bolup durmaýan hakyna tutujy tarapyndan ýa-da onuň adyndan tölenilýän bolmalydyr, we

c) tölegleri tölemek boýunça çykdajylary hakyna tutujynyň beýleki Döwletdäki hemişelik wekilçiligi ýa-da hemişelik binýady çekmeli däldir.

(3) Şu maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünleri işçi güýjüni bermek boýunça täjirçilik işiniň çäklerinde hakynatutma işgärleriň işi bilen bagly hak-heşdekler babatda ulanylmaýar.

(4) Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisiniň bortunda hakynatutma boýunça amala aşyrylýan iş üçin alynýan hak-heşdege deňiz ýa-da howa gämisini ulanýan kärhananyň hakyky ýolbaşçylyk edýän edarasy ýerleşýän şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 16-njy madda
## Gözegçilik geňeşleriniň we direktorlar geňeşleriniň agzalarynyň hak-heşdekleri

Gözegçilik geňeşleriniň we direktorlar geňeşleriniň agzalarynyň hak-heşdeklerine we Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň gözegçilik geňeşiniň ýa-da direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alýan şonuň ýaly tölegleri̇ne şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 17-nji madda
## Artistler we türgenler

(1) 7-nji, 14-nji we 15-nji maddalaryň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň teatryň, kinonyň, radionyň ýa-da telewideniýäniň artisti ýa-da sazanda ýaly ýerine ýetiriji artist hökmünde, şeýle hem türgen hökmünde beýleki Ylalaşýan Döwletde amala aşyrýan öz şahsy işinden alýan girdejisine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) Eger artistiň ýa-da türgeniň öz ugry boýunça amala aşyrýan şahsy işinden alýan girdejisi artustiň ýa-da türgeniň özüne däl-de, başga bir tarapa geçirilýän bolsa, onda şu Ylalaşygyň 7-nji, 14-nji we 15-nji maddalarynyň düzgünlerine garamazdan, şol girdejä artistiň ýa-da türgeniň işi amala aşyrylýan Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

(3) Eger-de artistiň ýa-da türgeniň şol Döwletde bolmagy doly ýa-da esasan beýleki Ylalaşýan Döwletiň, onuň ýerleriniň biriniň ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň biriniň döwlet serişdeleriniň hasabyna ýa-da şol beýleki Döwletde jemgyýet üçin peýdaly (haýyr-sogap işi edýän) diýlip ykrar edilen gurama tarapyndan maliýeleşdirilýän bolsa, artistler we türgenler tarapyndan Ylalaşýan Döwletde amala aşyrylýan işden alynýan girdejiler babatda şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle ýagdaýda diňe artistiň ýa-da türgeniň dahyllysy bolup durýan Ylalaşýan Döwletde girdejä salgyt salynýar.

## 18-nji madda
## Pensiýalar, rentalar we şulara meňzeş tölegler

(1) 19-njy maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna tölenýän pensiýalar we şunuň ýaly beýleki tölegler diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

(2) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan şahsy tarapyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň hökmany ýaşaýyş-durmuş ätiýaçlandyrmasynyň hasabyna alýan töleglerine, şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerinden tapawutlylykda, diňe şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(3) Ylalaşýan Döwletiň ýa-da onuň edara ediş-çäk birlikleriniň biriniň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna syýasy taýdan yzarlanmak netijesinde çekilen zyýanyň öwezini dolmagyň, kanuna garşylygyň ýa-da harby hereketleriň (öwezini dolma töleglerini we kömek pullaryny goşmak bilen), hökmany harby ýa-da onuň ýerine geçilýän raýatlyk gullugynyň, jenaýatyň, sanjymlaryň ýa-da şulara meňzeş wakalaryň netijesinde çekilen zyýanyň öwezini dolmagyň hasabyna tölenýän yzygiderli we bir gezeklyk töleglere, şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerinden tapawutlylykda, diňe birinji agzalýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

(4) «Renta» adalgasy yzygiderli, kesgitlenen möhletlerde, ömürboýy ýa-da kesgitlenen ýa-da kesgitläp bolýan döwrüň dowamynda, barabar hyzmat üçin öwezini dolmak hökmünde şu tölegleri göz öňünde tutýan borçnama esasynda, pul ýa-da maddy gymmatlyklar görnüşinde berlen kesgitli möçberleriň jemini aňladýar.

(5) Eklençdäki adamlara ýaşaýyş serişdeleri hökmünde tölenýän tölegler, şol sanda Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna çagalar üçin töleýän alimentleri, şol beýleki Döwletde salgyt salynmakdan boşadylýar. Eger-de şu tölegler birinji agzalan Döwletde, olary töleýjiniň salgyt salynýan girdejisiniň goşulan möçberi hasaplananda kemeldilmäge degişli bolsa, şu düzgün ulanylmaýar; ýaşaýyş-durmuş ýagdaýyny ýeňilleşdirmek maksady bilen salgyt salynmaýan möçberleriň jemleri, şu düzgüniň talaplaryna laýyklykda, kemeldilme hasap edilmeýär.

## 19-njy madda
## Döwlet gullugy

(1)

a) Ylalaşýan Döwletiň, onuň ýerleriniň biriniň ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň biriniň şahsy tarapa şol Döwlete, onuň ýerleriniň birine ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň birine edýän gullugy üçin tölenýän hak-heşdek, zähmet haky we şunuň ýaly beýleki tölegler, pensiýadan başga, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

b) Emma şeýle hak-heşdekler eger gulluk şol beýleki Ylalaşýan Döwletde amala aşyrylýan bolsa we şahsy tarap şol Döwletiň dahyllysy bolsa, diňe şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner, ol:

aa) şol Döwletiň milli tarapy bolmalydyr; ýa-da

bb) diňe gulluk etmek maksady bilen, şol Döwletiň dahyllysy bolmadyk bolmalydyr.

(2)

a) Ylalaşýan Döwlet, onuň ýerleriniň biri ýa-da olaryň edara ediş-çäk birliginiň biri tarapyndan, ýa-da olaryň döreden gaznasyndan şol Döwlete, onuň ýerleriniň birine ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň birine edýän gullugy üçin tölenýän pensiýa diňe şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

b) Emma şeýle pensiýalar, eger şahsy tarap şol beýleki Döwletiň dahyllysy we milli tarapy bolsa, diňe şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

(3) 15, 16, 17 we 18-nji maddalaryň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň, onuň ýerleriniň biriniň ýa-da olaryň edara ediş-çäk birliginiň biriniň telekeçilik işi bilen bagly edýän gullugy üçin hak-heşdek we pensiýalar barada ulanylýar.

(4) Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri degişlilikde diňe şol Döwlet, şol ýer ýa-da şol edara ediş-çäk birlik tarapyndan onuň razylygy bilen beýleki Ylalaşýan Döwlete iberilen hünärmenlere ýa-da meýletin kömekçilere goýberilýän serişdeleriň hasabyna Ylalaşýan Döwletiň, onuň ýerleriniň biriniň ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň çäklerinde tölenýän hak-heşdekler babatda ulanylýar.

(5) Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölüminiň düzgünleri degişlilikde Gýote Instituty ýa-da Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Germaniýanyň akademiki alyşmalar gullugy tarapyndan ýa-da olaryň adyndan tölenýän hak-heşdekler babatda ulanylýar. Ygtyýarly edaralar özara ylalaşmak boýunça Ylalaşýan Döwletleriň beýleki şular ýaly edaralarynyň hak-heşdekleri babatda degişli çemeleşmäni ulanmak barada ylalaşyp bilerler. Eger-de görkezilen hak-heşdeklere edarany döreden döwletde salgyt salynmaýan bolsa, şu Ylalaşygyň 15-nji maddasynyň düzgünleri hereket edýär.

## 20-nji madda
## Talyplar

Ylalaşýan Döwletleriň birine gelmeginden öň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan ýa-da bolan we birinji agzalan Döwletde diňe okamak ýa-da taýýarlanmak maksady bilen bolýan talyp, tejribe geçýän ýa-da okuwçy tarapyndan ýaşamak, okamak ýa-da taýýarlanmak maksady üçin alynýan tölegleriň çeşmeleriniň şol Döwletiň çäklerinden daşarda ýerleşýän halatynda olara salgyt salynmaýar.

## 21-nji madda
## Beýleki girdejiler

(1) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň şu Ylalaşygyň ýokardaky maddalarynda görkezilmedik girdejilerine olaryň dörän çeşmesine garamazdan, diňe şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) Eger gozgalmaýan emläkden alynýan girdejileriň alyjysy Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini onda ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde garaşsyz şahsy hyzmatlary şol ýerdäki hemişelik binýatdan edýän bolsa we girdejiniň tölenmegine esas bolan hukuklar ýa-da emläk gymmatlyklary şeýle hemişelik wekilçilik ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatdan-da bagly bolsa, onda 1-nji bölümiň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji ýa-da 14-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

## 22-nji madda
## Emläk

(1) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna degişli bolan we beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläge şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(2) Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň aktiwleri bolup durýan ýa-da Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin ulanýan hemişelik binýadyna degişli gozgalýan emläge, şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

(3) Halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämileri, şeýle hem ýol deňiz ýa-da howa gämileriniň ulanylmagy bilen baglanyşykly gozgalýan emläge kärhananyň hakyky ýolbaşçylyk edýän edarasy ýerleşýän şol Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

(4) Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň emläginiň ähli beýleki böleklerine diňe şol Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 23-nji madda
## Dahyllylyk edilýän Döwletde iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak

(1) Germaniýa Federatiw Respublikasynyň dahyllysy babatda salgytlar aşakdaky tertipde bellenýär:

a) Germaniýanyň salgytlarynyň salgyt binýadyndan Türkmenistandan alynýan girdejiler, şeýle hem şu Ylalaşyga laýyklykda Türkmenistanda salgyt salnyp bilinýän we şu bölümiň b) kiçi bölüminiň täsirine düşmeýän, Türkmenistanda ýerleşýän emläk gymmatlyklary aýrylýar.

Diwidendlerden alynýan girdejiler babatda ýokardaky düzgünler diňe maýasynyň 25 göteriminden az bolmadyk möçberi gönüden-göni Germaniýanyň kompaniýasyna degişli bolan we şol möçber diwidendleri töleýän kompaniýanyň girdejileri hasaplananda kemeldilmedik ýagdaýynda, Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýan kompaniýa tarapyndan Germaniýa Federatiw Respublikasynyň dahyllysy bolup durýan (şereket muňa girmeýär) kompaniýa şol diwidendleriň tölenen ýagdaýynda ulanylýar.

Emläge salgyt salmak maksatlary üçin Germaniýanyň salgytlarynyň salgyt binýadyndan, şeýle hem olar boýunça diwidendler tölenýän bolsa, şu kiçi bölümiň ýokardaky bölümleriniň düzgünlerine laýyklykda salgyt binýadyndan kemeldilmäge degişli boljak gatnaşyk paýlary aýrylýar.

b) Germaniýanyň salgyt kanunçylygynyň girdejiden alynýan Germaniýanyň salgytlary salnanda daşary ýurt salgytlaryny tölendi diýip hasap etmek hakyndaky düzgünlerini nazara almak bilen, aşakdaky girdejiler boýunça Türkmenistanyň kanunçyylgyna we şu Ylalaşyga laýyklykda tölenen Türkmenistanyň salgytlary tölendi diýip hasap edilýär:

aa) şu bölümiň a) kiçi bölüminiň täsirine düşmeýän diwidendler babatda;

bb) göterimler babatda;

cc) roýaltiler babatda;

dd) şu Ylalaşygyň 13-nji maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda Türkmenistanda salgyt salnyp bilinýän girdejiler babatda;

ee) şu Ylalaşygyň 15-nji maddasynyň 3-nji bölümine laýyklykda Türkmenistanda salgyt salnyp bilinýän girdejiler babatda;

ff) gözegçilik geňeşleriniň we direktorlar geňeşleriniň agzalaryna berilýän hak-heşdekler babatda;

gg) şu Ylalaşygyň 17-nji maddasynda göz öňünde tutulan girdejiler babatda.

(c) Eger-de Germaniýa Federatiw Respublikasynyň dahyllysy hemişelik wekilçiligiň peýda alan hojalyk (hasabat) ýylynda ýa-da Türkmenistanyň dahyllysy bolup durýan kompaniýanyň peýdany hasabyna paýlan hojalyk (hasabat) ýylynda öz jemi içerki girdejisini diňe ýa-da diňe diýen ýaly Germaniýa Federatiw Respublikasynyň daşary salgytlar hakyndaky Kanunynyň 8-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň 1–6 sanlarynyň täsirine düşýän işiň görnüşlerinden alandygy barada tassyklama bermeýän bolsa, şu Ylalaşygyň 7-nji we 10-njy maddalarynda göz öňünde tutulýan girdejiler we olaryň esasy bolup durýan emläk gymmatlyklary babatda şu bölümiň a) kiçi bölüminiň düzgünleriniň ýerine şu bölümiň b) kiçi bölüminiň düzgünleri ulanylýar; hemişelik wekilçiligiň harajatlary üçin niýetlenen gozgalmaýan emläk we ondan alnan girdejiler (şu Ylalaşygyň 6-njy maddasynyň 4-nji bölümi) babatda, şeýle hem şu gozgalmaýan emlägi (şu Ylalaşygyň 13-nji maddasynyň 1-nji bölümi) we hemişelik wekilçiligiň aktiwleri bolup durýan gozgalýan emlägi (şu Ylalaşygyň 13-nji maddasynyň 3-nji bölümi) aýrybaşgalamakdan alnan peýdanyň jemi möçberi babatda şol bir düzgün hereket edýär.

d) Emma, şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda Germaniýa Federatiw Respublikasy, öz tarapyndan girdejiniň ýa-da emlägiň galan möçberleri babatda ulanylýan salgyt töleginiň möçberi kesgitlenende, Germaniýanyň salgytlaryny salmakdan boşadylan girdejileri ýa-da emläk gymmatlyklaryny nazara almak hukugyny özünde alyp galýar.

e) Şu bölümiň a) kiçi bölüminiň düzgünlerine garamazdan, iki gezek salgyt salynmagy şu bölümiň b) kiçi bölümine laýyklykda salgyt tölendi diýip hasap etmegiň üsti bilen aradan aýrylýar,

aa) eger-de Ylalaşýan Döwletlerde girdejiler ýa-da emläk şu Ylalaşygyň dürli düzgünlerine degişli bolup durýan ýa-da dürli taraplaryň hasabyna geçirilýän (şu Ylalaşygyň 9-njy maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga) bolsa, we haçan-da degişli

girdejilere ýa-da emläk gymmatlyklaryna şeýle dürli degişli etmek ýa-da hasaba geçirmek netijesinde salgyt salynmaýan ýa-da şeýle düşünişmezligiň bolmadyk ýagdaýyndaka görä az möçberli salgyt salynýan ýagdaýynda, ýa-da

bb) eger-de Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ygtyýarly edarasy Türkmenistanyň ygtyýarly edarasy bilen geňeşmelerden soň özüniň şu bölümiň b) kiçi bölümine laýyklykda salgyt tölendi diýip hasap etmek usulyny ulanmakçy bolýan beýleki girdejiler barada habar berýän bolsa. Şu bölümiň b) kiçi bölümine laýyklykda iki gezek salgyt salynmagy habarnama berlen senenama ýylyndan soňky senenama ýylynyň birinji gününden salgyt tölendi diýip hasap etmegiň üsti bilen aradan aýrylýar.

(2) Türkmenistanyň dahyllysy babatda salgytlar aşakdaky tertipde bellenýär:

eger-de Türkmenistanyň dahyllysy şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda Germaniýa Federatiw Respublikasynda salgyt salnyp bilinjek girdeji alýan ýa-da emläge eýelik edýän bolsa, Türkmenistan:

a) şu dahyllynyň girdejisinden alynýan salgydy Germaniýa Federatiw Respublikasynda tölenen girdejiden alynýan salgyda barabar jemi möçberde kemeltmäge;

b) şu dahyllynyň emläginden alynýan salgydy Germaniýa Federatiw Respublikasynda tölenen emläkden alynýan salgyda barabar jemi möçberde kemeltmäge rugsat berýär.

Kemeldilýän şeýle möçberler islendik halatda girdeji ýa-da emläk üçin salgydyň kemeldilmegine rugsat berilmeginden öň hasaplanan, ýagdaýlara baglylykda Germaniýa Federatiw Respublikasynda salgyt salnyp bilinjek girdejä ýa-da emläge degişli böleginden köp bolmaly däldir.

Eger şu Ylalaşygyň islendik düzgünine laýyklykda, Türkmenistanyň dahyllysynyň alan girdejisi ýa-da emlägi Türkmenistanda salgyt salmakdan boşadylan bolsa, Türkmenistan, muňa garamazdan, şol dahyllynyň girdejisiniň ýa-da emläginiň galan bölegine salgydyň möçberi hasaplanan mahaly salgytdan boşadylan girdejini ýa-da emlägi hasaba alyp biler.

## 24-nji madda
## Kemsitmezlik

(1) Ylalaşýan Döwletiň milli taraplary beýleki Ylalaşýan Döwletde şol beýleki Döwletiň hut şol ýagdaýlarda, hususan-da, dahyllylyk

babatda milli taraplarynyň sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan ýa-da şonuň bilen bagly borçnamalardan başga, ýa bolmasa has agyr salgyt salmak bilen bagly islendik salgyt salynmagyna, ýa-da onuň bilen bagly borçnamalara sezewar edilmeli däldir. 1-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, şu düzgün Ylalaşýan Döwletleriň hiç biriniň dahyllysy bolup durmaýan taraplar barada hem ulanylýar.

(2) Ylalaşýan Döwletiň dahylylsy bolup durýan raýatlygy ýok adamlar Ylalaşýan Döwletleriň hiç birinde degişli Döwletiň milli borçnamalarynyň hut şol ýagdaýlarda sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan we onuň bilen bagly borçnamalardan başga ýa-da has agyr islendik salgyt salynmagyna ýa-da onuň bilen bagly islendik borçnamalara sezewar edilmeli däldir.

(3) Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletdäki hemişelik wekilçiligi babatda salgyt salmak düzgüni şol beýleki Döwletiň şeýle işi amala aşyrýan kärhanalary baradaky salgyt salmak düzgünlerinden az amatly bolmaly däldir. Şu düzgün Ylalaşýan Döwleti öz dahyllylaryna berýän salgyt salynmaýan möçberleri, salgyt ýeňillikleri ýa-da indirimleri beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllylaryna bermäge borçly edýän hökmünde düşündirilmeli däldir.

(4) 9-njy maddanyň 1-nji bölüminiň, 11-nji maddanyň 8-nji bölüminiň, 12-nji maddanyň 6-njy bölüminiň düzgünleri ulanylandan başga halatlarda Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna töleýän göterimleri, roýaltileri we beýleki tölegleri şeýle kärhananyň salgyt salynýan peýdasy hasaplananda, ol birinji agzalan Döwletiň dahyllysyna tölenendäki ýaly şertlerde kemeldilmäge degişlidir. Degişlilikde, Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň öňündäki bergileri, şol kärhananyň salgyt salynýan emlägi hasaplananda, birinji agzalýan Döwletiň dahyllysynyň öňündäki bergiler tölenendäki ýaly şertlerde kemeldilmäge degişlidir.

(5) Ylalaşýan Döwletleriň biriniň maýasy beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna ýa-da şeýle taraplaryň birnäçesine göni ýa-da gytaklaýyn degişli bolan ýa-da olar tarapyndan gözegçilik edilýän kärhanalary birinji agzalan Döwletde şol Döwletiň şonuň ýaly kärhanalary babatda sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt

salynmagyndan we onuň bilen bagly borçnamalardan başga ýa-da has agyr islendik salgyt salynmagyna ýa-da onuň bilen bagly islendik borçnamalara sezewar edilmeli däldir.

(6) Şu Ylalaşygyň 2-nji maddasyna garamazdan, şu maddanyň düzgünleri islendik görnüşli we atly salgytlar babatda ulanylýar.

**25-nji madda**
**Özara ylalaşmak amaly**

(1) Eger-de tarap Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem hereketleri şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna getirýär ýa-da getirer diýip hasap edýän bolsa, ol şu Döwletleriň içerki kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuk gorag serişdelerine zyýan ýetirmezden, özi dahyllysy bolup durýan Ylalaşýan Döwletiniň ygtyýarly edarasyna, ýa-da onuň işi 24-nji maddanyň 1-nji bölüminiň täsirine düşýän bolsa, onda özi milli tarapy bolup durýan Ylalaşýan Döwletiniň ygtyýarly edarasyna öz işine seretmek üçin arza berip biler. Iş boýunça arza şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna getiren hereket hakyndaky ilkinji habarnamanyň pursadyndan başlap, üç ýylyň dowamynda berilmelidir.

(2) Ygtyýarly edara arzany esasly hasap etse we özi kanagatlanarly çözgüde gelip bilmese, şu Ylalaşyga laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, işi beýleki Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasy bilen özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşar. Gazanylan islendik ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň içerki kanunçylygynda bar bolan haýsydyr bir wagtlaýyn çäklendirmelere garamazdan, ýerine ýetirilmelidir.

(3) Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Ylalaşyk düşündirilen ýa-da ulanylan mahaly ýüze çykýan kynçylyklary ýa-da şübhelenmeleri özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşarlar. Olar, şeýle hem, şu Ylalaşykda göz öňünde tutulmadyk halatlarda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak maksadyna eýerip, bir-biri bilen geňeşip bilerler.

(4) Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary ýokardaky bölümlere düşünmekde ylalaşyk gazanmak maksadyna eýerip, bir-biri

bilen, şol sanda olaryň özlerinden ýa-da wekillerinden düzülen bilelikdäki toparyň üsti bilen göni gatnaşykda bolup bilerler.

## 26-njy madda
## Maglumatlary alyşmak

(1) Şeýle derejede salgyt salynmagy şu Ylalaşyga ters gelmeýän bolsa, Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Ylalaşygyň düzgünlerini ýerine ýetirmek ýa-da Ylalaşýan Döwletleriň, onuň ýerleriniň biriniň ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň biriniň adyndan alynýan islendik görnüşli we atly salgytlar babatda içerki kanunçylygy dolandyrmak ýa-da ýerine ýetirmek üçin möhüm diýip hasap edilip bilinjek maglumatlary alyşýarlar. Maglumatlary alyşmak 1-nji we 2-nji maddalaryň düzgünleri bilen çäklenmeýär.

(2) Ylalaşýan Döwletleriň birinden şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda alnan islendik maglumat şol Döwletiň içerki kanunçylygyna laýyklykda alnan maglumat ýaly aýan edilmesiz hasap edilmelidir we diňe şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen salgytlary mejbury töletdirmek ýa bolmasa kazyýet taýdan yzarlamak, ýa-da şikaýatlara garamak, ýokarda aýdylanlaryň ählisine gözegçilik etmek bilen meşgullanýan taraplara ýa-da edaralara (şol sanda kazyýetler we dolandyryş edaralary) habar berilýär. Şeýle taraplar ýa-da edaralar şu maglumatlary diňe görkezilen maksatlar üçin ulanyp bilerler. Olar şu maglumatlary açyk kazyýet mejlisiniň barşynda ýa-da kazyýet çözgütlerinde aýan edip bilerler.

(3) Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň üstüne şu borçlary ýükleýän hökmünde düşündirilmez:

a) ol ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna ýa-da edara ediş tejribesine ters gelýän edara ediş çärelerini geçirmek;

b) ol ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygy boýunça ýa-da adaty edara ediş tejribesiniň barşynda alyp bolmaýan maglumatlary bermek;

c) söwda, senagat, telekeçilik ýa-da hünär syryny, ýa-da işewürlik amalyny aýan etjek maglumatlary, ýa-da aýan edilmegi döwlet syýasatyna (ordre public) ters geljek maglumatlary bermek.

(4) Eger maglumatlar şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwlet tarapyndan soralan bolsa, beýleki Ylalaşýan Döwlet,

hatda eger şeýle maglumat öz salgyt maksatlary üçin beýleki Döwlete zerur bolmasa-da, soralan maglumatlary almak üçin maglumatlary toplamak boýunça öz ygtyýarynda bolan çäreleri geçirýär. Ýokardaky sözlemdäki borçnama şu maddanyň 3-nji bölüminde kesgitlenen çäklendirmelere degişlidir, ýöne hiç bir halatda şeýle çäklendirmek özünde diňe içerki gyzyklanmanyň ýokdugy sebäpli, maglumatlary bermekden boýun gaçyrmaga Ylalaşýan Döwlete rugsat berýän hökmünde düşündirilip bilinmez.

(5) Hiç bir halatda 3-nji bölüm diňe maglumatlaryň eýesi bank, beýleki maliýe edarasy, nominal saklaýjy, ýumuşçy ýa-da ynanylan dolandyryjy bolup durýandygy sebäpli, ýa bolmasa maglumatyň haýsydyr bir tarapyň emläk bähbitlerine degişlidigi sebäpli, Ylalaşýan Döwlet maglumatlary bermekden boýun gaçyrmaga rugsat berýän hökmünde düşündirilmez.

## 27-nji madda
## Salgyt salnanda berilýän edara ediş kömegi

(1) Ylalaşýan Döwletler salgyt talaplarynyň möçberiniň jemi alnanda birek-birege edara ediş kömegini berýärler. Şeýle edara ediş kömegi şu Ylalaşygyň 1-nji we 2-nji maddalarynyň düzgünleri bilen çäklendirilmeýär. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara ylalaşmak boýunça şu maddany ulanmagyň tertibini kesgitläp bilerler.

(2) Şu maddada ulanylýan «salgyt talapy» adalgasy şeýle salgyt salynmagynyň şu Ylalaşyga ýa-da Ylalaşýan Döwletleriň taraplary bolup durýan haýsydyr bir beýleki namalara ters gelmeýän böleginde, Ylalaşýan Döwletiň, onuň ýerleriniň biriniň ýa-da olaryň edara ediş-çäk birlikleriniň biriniň adyndan alynýan islendik görnüşli we atly salgytlaryň tölenmäge degişli möçberiniň jemini, şeýle hem şeýle möçberiň jemine degişli göterimleri, edara ediş jerimelerini we salgydy almak ýa-da üpjün ediş çärelerini geçirmek üçin çykarylýan çykdajylary aňladýar.

(3) Eger Ylalaşýan Döwletiň salgyt talabyny şol Döwletiň kanunçylygy boýunça ýerine ýetirip bolýan bolsa we ony şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda talabyň ýerine ýetirilýän pursadynda onuň alynmagyna pägel berip bilmeýän tarap tölemeli bolsa, şeýle salgyt talabyny şol Döwletiň ygtyýarly edarasynyň talap etmegi boýunça

beýleki Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasy salgyt almak maksatlary üçin kabul edýär. Şol beýleki Döwlet salgyt talabynyň jemi möçberini almagy, şol salgyt talabynyň şol beýleki Döwletiň özüniň salgyt talaby bolup duran ýagdaýyndaky ýaly, onuň öz salgytlaryny mejbury şertde ýerine ýetirmek we almak baradaky kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrýar.

(4) Eger Ylalaşýan Döwletiň salgyt talaby şoňa degişlilikde şol Döwletiň öz kanunçylygyna laýyklykda salgyt alynmagyny üpjün etmek boýunça çäre görlüp bilinýän talap bolup durýan bolsa, şeýle salgyt talabyny beýleki Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasy şol Döwletiň ygtyýarly edarasynyň talap etmegi boýunça üpjün ediş çärelerini görmek maksatlary üçin kabul edýär. Hatda salgyt talabyny birinji agzalýan Döwletde şeýle çäreler görülen pursadynda ýerine ýetirip bolmajak ýa-da ony şol talabyň alynmagyna päsgel bermäge haky bolan tarapyň ýerine tölenmeli ýagdaýynda hem, şol beýleki Döwlet, şol salgyt talabynyň şol beýleki Döwletiň özüniň salgyt talaby bolup duran ýagdaýyndaky ýaly, şeýle salgyt talaby babatda, içerki kanunçylygynyň düzgünlerine laýyklykda üpjün ediş çärelerini görýär.

(5) Şu maddanyň 3-nji we 4-nji bölümleriniň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwlet tarapyndan şu maddanyň 3-nji ýa-da 4-nji bölüminiň maksatlary üçin kabul edilen salgyt talaby şol Döwletde şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda möhletiniň geçendigine ýa-da salgyt talabyna ilkinji nobatda seretmek düzgünlerine degişli däldir. Mundan başga-da, Ylalaşýan Döwlet tarapyndan şu madanyň 3-nji ýa-da 4-nji bölüminiň maksatlary üçin kabul edilen salgyt talaby şol salgyt talabyny beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygy boýunça tapawutlandyrýan artykmaç hukuk ýagdaýyna şol Döwletde eýe bolmaýar.

(6) Beýleki Ylalaşýan Döwletiň kazyýetlerinde ýa-da dolandyryş edaralarynda Ylalaşýan Döwletiň salgyt talabynyň barlygy, hakyky ýa-da onuň möçberi barada hukuk amallary gozgalyp bilinmeýär.

(7) Eger degişli salgyt talaby Ylalaşýan Döwletiň şu maddanyň 3-nji ýa-da 4-nji bölümine laýyklykda talap haty beren pursadyndan beýleki Ylalaşýan Döwletiň degişli salgyt talabynyň jemini almagy amala aşyrmagyna we ony birinji agzalýan Döwletiň hasabyna geçirmegine çenli döwürde:

a) şu maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda berlen talap haty babatda, şol Döwletiň kanunçylygy boýunça ýerine ýetirilip bilinjek we ýerine ýetirilýän pursatda şol Döwletiň kanunçylygy boýunça onuň alynmagyna päsgel berip bilmejek tarapyň tölemegine degişli, birinji agzalýan Döwletiň salgyt talabynyň häsiýetlerini ýitirýän bolsa, ýa-da

b) şu maddanyň 4-nji bölümine laýyklykda berlen talap haty babatda, şol salgyt talaby barada şol Döwletiň öz kanunçyylgyna laýyklykda salgydyň alynmagyny üpjün ediş çärelerini görüp bilýän, birinji agzalýan Döwletiň salgyt talabynyň häsiýetlerini ýitirýän bolsa, birinji agzalan Döwletiň ygtyýarly edarasy beýleki döwletiň ygtyýarly edarasyna gaýragoýulmasyz tertipde şeýle waka hakynda habar berýär we birinji agzalýan Döwlet beýleki Döwletiň saýlap almagyna baglylykda özüniň talap hatyny ýa togtadýar, ýa-da ýatyrýar.

(8) Şu maddanyň düzgünleri hiç bir halatda Ylalaşýan Döwletiň üstüne şu borçlary ýükleýän hökmünde düşündirilmez:

a) şol ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna ýa-da edara ediş tejribesine ters gelýän edara ediş çärelerini geçirmegi;

b) döwlet syýasatyna (ordre public) ters gelip biljek çäreleri geçirmegi;

c) beýleki Ylalaşýan Döwletiň öz kanunçylygyna ýa-da edara ediş tejribesine laýyklykda mümkin bolan, salgyt salmak ýa-da üpjün ediş çärelerini görmek boýunça islendik barabar çäreleri doly geçirmedik ýagdaýynda;

d) şol Döwletiň edara ediş çykdajylarynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň şu kömek sebäpli alýan peýdasyna barabar däldiginiň görnüp duran ýagdaýlarynda edara ediş kömegini bermegi.

## 28-nji madda
## Çeşmesine salgyt salmak boýunça düzgünler

(1) Eger şu maddadan başga many gelip çykmaýan bolsa, eger Ylalaşýan Döwletde beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň diwidendlerinden, göterimlerinden, roýaltilerinden ýa-da beýleki girdejilerinden salgytlar tutup almak arkaly alynýan bolsa, onda birinji agzalýan Döwletiň öz milli kanunçylygyna laýyklykda möçber (stawka) boýunça hukugyna şu Ylalaşyk täsir etmeýär. Tutup almagyň üsti bilen alynýan salgyt töleýjiniň arzasy boýunça, haçan we nähili derejede şu

Ylalaşyk boýunça azaldylýan ýa-da ýatyrylýan bolsa, şonda we şonuň ýaly derejede gaýtarylmaga degişlidir.

(2) Her bir Ylalaşýan Döwlet, salgydy tutup almazdan ýa-da diňe şu Ylalaşygyň degişli maddasynda göz öňünde tutulan salgydy tutup almak bilen, şu Ylalaşyga laýyklykda girdejileriň çeşmesi bolup durýan döwletde salgyt salynmaga degişli bolmadyk ýa-da azaldylan salgyt salynmaga degişli bolan girdejileri tölemegi amala aşyrmak boýunça amallary döreder.

(3) Salgydy gaýdyp bermek baradaky arzalar diwidendleriň, göterimleriň, roýaltileriň ýa-da beýleki girdejileriň çeşmesinden tutup alynýan salgytlar kesgitlenýän senenama ýylyndan soňky dördünji ýyl tamamlanmanka berilýär.

(4) Girdejileriň dörän Ylalaşýan Döwleti ygtyýarly edaradan beýleki Ylalaşýan Döwletdäki dahyllylyk barada tassyklamany talap edip biler.

(5) Ygtyýarly edaralar özara ylalaşmak boýunça şu maddany amala aşyrmagy kadalaşdyryp we zerurlyga görä, şu Ylalaşykda göz öňünde tutulan salgyt salynmagyny azaltmak ýa-da salgyt salynmagyndan boşatmak boýunça beýleki amallary kegitläp bilerler.

**29-njy madda**
**Ylalaşygy aýratyn ýagdaýlarda ulanmak**

(1) Şu Ylalaşygy Ylalaşýan Döwlet tarapyndan salgyt salynmakdan gaça durmagyň ýa-da salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagyň öňüni almak boýunça onuň milli hukuk namalaryny ulanmaga päsgel berýän hökmünde düşündirmek bolmaz.

(2) Eger şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri iki gezek salgyt salynmagyna getirýän bolsa, onda ygtyýarly edaralar şu Ylalaşygyň 25-nji maddasynyň 3-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda şeýle iki gezek salgyt salynmagynyň öňüni almagyň usullary barada özara geňeşmeleri geçirýärler.

**30-njy madda**
**Diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işgärleri**

Şu Ylalaşygyň düzgünleri diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işgärleriniň halkara hukugynyň umumy kadalary ýa-da ýörite ylalaşyklaryň esasynda berlen salgyt ýeňilliklerine täsir etmeýär.

**31-nji madda**
**Teswirnama**

Goşulýan Teswirnama şu Ylalaşygyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

**32-nji madda**
**Güýje girmegi**

(1) Şu Ylalaşyk tassyklanmaga degişlidir; tassyklamak baradaky hatlary alyşmak mümkin bolan gysga möhletlerde amala aşyrylýar.

(2) Tassyklamak baradaky hatlaryň alşylan güni şu Ylalaşyk güýje girýär we onuň düzgünleri Ylalaşýan Döwletleriň ikisinde-de:

a) çeşmesinden tutulyp alynýan salgytlar babatda – Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň 1-nji ýanwarynda ýa-da şondan soň tölenýän girdejileriň möçberleri barada;

b) beýleki salgytlar babatda – Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň 1-nji ýanwaryndan soňky döwür üçin alynýan salgytlaryň jemleri barada ulanylýar.

(3) Şu Ylalaşygyň güýje girmegi bilen Girdejiler we emläk üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzy bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda 1981-nji ýylyň 24-nji noýabrynda gol çekilen Ylalaşyk Türkmenistan bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklarda güýjüni ýitirýär we:

a) çeşmesinden tutulyp alynýan salgytlar babatda – Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň 1-nji ýanwarynda ýa-da şondan soň tölenýän möçberler barada;

b) beýleki salgytlar babatda – Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň 1-nji ýanwaryndan soňky döwür üçin alynýan salgytlaryň jemleri barada ulanylmaýar.

## 33-nji madda
## Hereketiniň bes edilmegi

Şu Ylalaşyk kesgitli bolmadyk möhlete baglaşylýar, emma Ylalaşýan Döwletleriň her biri şu Ylalaşygyň güýje giren gününden başlap bäş ýyllyk döwürden soň gelýän islendik senenama ýylynyň 30-njy iýunyna çenli beýleki Ylalaşýan Döwlete diplomatik ýollar boýunça ýazmaça habarnama bermek arkaly şu Ylalaşygyň hereket etmegini bes etdirip biler; şeýle halatda şu Ylalaşyk:

a) çeşmesinden tutulyp alynýan salgytlar babatda – Ylalaşygyň ýatyrylandygy barada yglan edilen ýyldan soňky senenama ýylynyň 1-nji ýanwarynda ýa-da şondan soň tölenýän girdejileriň jemleri barada;

b) beýleki salgytlar babatda – Ylalaşygyň ýatyrylandygy barada yglan edilen ýyldan soňky senenama ýylynyň 1-nji ýanwaryndan soňky döwür üçin alynýan salgytlaryň jemleri barada mundan beýläk ulanylmaga degişli däldir.

Beýleki Ylalaşýan Döwletiň Ylalaşygyň ýatyrylmagy baradaky habarnamany alan güni möhletleri hasaplamak üçin kesgitleýji bolup durýar.

___________ şäherinde 20__-nji ýylyň «____» __________ türkmen, nemes we rus dillerinde, iki asyl nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň hem birmeňzeş güýji bardyr. Türkmen we nemes ýazgylaryna dürli düşündiriliş berlende, rus dilindäki ýazgy kesgitleýji düýlip hasap ediler.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň adyndan** | **Germaniýa Federatiw Respublikasynyň adyndan** |